# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ SAÝLAWLARY

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTLIGINE DALAŞGÄRLERIŇ YNANYLAN ADAMLARY ÜÇIN

# ÝATLAMA

# ПАМЯТКА

# ДЛЯ ДОВЕРЕННЫХ ЛИЦ КАНДИДАТОВ В ПРЕЗИДЕНТЫ ТУРКМЕНИСТАНА

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
SAÝLAWLARY

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTLIGINE DALAŞGÄRLERIŇ YNANYLAN ADAMLARY ÜÇIN

# ÝATLAMA

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 324 + 342. 8
T 90

**T 90 Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleriň ynanylan adamlary üçin Ýatlama.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

TDKP № 333, 2016 KBK 67. 99 (2 Tü) 05

©Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar, 2016



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe halkyň öz erk-islegini erkin beýan etmegi netijesinde, jemgyýete mydama gülläp ösüşler, rowaçlyklar, bedew batly öňegidişlikler ýaran bolýar. Bir agza bakýan millet ruhy taýdan kämil çykyp, ýaş, orta, ýaşuly nesliň, şeýle hem işçidir daýhanyň, gurluşykçydyr telekeçiniň, intelligensiýanyň wekilleriniň ähli güýji, zehin-üşügi jem bolup, döwletiň sarsmaz kuwwatyna öwrülýär.

Saýlawlara dalaşgärleriň erkin we deňhukukly hödürlenilmegi, möhüm syýasy çäräniň aýanlyk, aç-açanlyk, wagyz işlerini erkin geçirmek başlangyçlarynda, ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylmagy Türkmenistanda milli demokratiýanyň kämil derejelere ýetendigini aýdyň görkezýär.

Şol bir wagtyň özünde-de Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, şeýle hem gol çekilen halkara şertnamalarynyň kadalarynyň ulanylmagy ýurdumyzda geçirilýän dürli görnüşli saýlawlaryň ösen dünýäniň talaplaryna laýyk derejede guralýandygyndan habar berýär.

Munuň özi halkyň ähli gatlagynyň wekilleriniň öz erk-islegini açyk we erkin beýan edip bilmekleri üçin döredilen oňyn şertlerdir.

Bu demokratik ýörelgeleriň netijesinde, türkmen jemgyýeti hil taýdan özgerdi, ösdi. Onda emele gelen sazlaşyk bolsa köppartiýalylygyň döremegine, dürli gatlaklaryň pikirlerine çuň hormat goýulmagyna getirdi.

Dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolmak bilen, Türkmenistan bu gün häzirki zaman jemgyýetiniň demokratik ýörelgelerini çuňlaşdyrmak ýoly bilen öňe ynamly gadam urýar. Ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmaga, raýat jemgyýetiniň institutlaryny emele getirmäge, saýlawlaryň häzirki zaman usullaryny ornaşdyrmaga gönükdirilen işleriň depgini günsaýyn artýar.

Şu Ýatlama Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip düzüldi. Ýatlamada Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň saýlaw möwsüminde alyp barýan işleriniň düzgünleri beýan edilýär.

Mazmuny boýunça şu Ýatlamany dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň hemmesiniň okamagy we bilmegi zerurdyr, şeýle hem olara öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrýan wagtlarynda Ýatlamany gözükdiriji hökmünde ulanmagy maslahat berýäris.

# I. UMUMY DÜZGÜNLER

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugy hem-de bäsleşik esasynda geçirilýär.

Saýlaw möwsümi Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri erkin we deňhukukly hödürlemek, aýanlyk we açyklyk, wagyz erkinligi başlangyçlarynda, ähli dalaşgärler üçin deň mümkinçiliklerde amala aşyrylýar.

Saýlawlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinden we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde göz öňünde tutulan kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň kadalary ulanylýar.

Türkmenistanyň on sekiz ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlamaga, saýlanmaga bolan hukuklaryny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.

Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki

halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Her bir saýlawçynyň bir sesi bardyr.

Türkmenistanyň raýatynyň saýlawlara gatnaşmagy erkin we meýletindir.

Saýlawçylaryň öz erkini beýan edişine gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

Saýlawlar güni ses bermek sagat 7-den sagat 19-a çenli geçirilýär.

## II. SAÝLAWLARY BELLEMEK

Saýlawlar Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan üç aý galanda Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan bellenilýär.

Saýlawlary bellemek hakyndaky karar kabul edilen gününden beýläk bäş günden gijä goýman, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde resmi taýdan çap edilmäge degişlidir.

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek baradaky Merkezi topar (mundan beýläk – Merkezi saýlaw topary) saýlaw möwsüminiň başlanýandygy hakynda saýlawlar gününe çenli azyndan ýetmiş gün galanda yglan edýär. Bu habar köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 17-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryny geçirmegi şu aşakdaky saýlaw toparlary guraýarlar:

– Merkezi saýlaw topary;

– welaýat, welaýat hukukly şäher saýlaw toparlary (mundan beýläk – welaýat saýlaw topary);

– etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň saýlaw toparlary (mundan beýläk – etrap, şäher saýlaw toparlary);

– uçastok saýlaw toparlary.

## III. TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTLIGINE DALAŞGÄRLERI HÖDÜRLEMEK WE OLARY BELLIGE ALMAK

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, dalaşgärleri hödürlemek hukugy saýlawlaryň bellenen gününe çenli bellige alnan syýasy partiýalara, şeýle hem raýatlaryň toparlaryna degişlidir.

Türkmenistanda doglan, ýaşy kyrkdan pes bolmadyk, döwlet dilini bilýän, soňky on bäş ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan hem-de işläp gelýän Türkmenistanyň raýaty Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgär hödürlenilip bilner.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgär hödürlenilip bilinmez.

Dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar.

Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri Merkezi saýlaw topary bellige alýar. Bellige almak saýlawlara elli gün galanda başlanýar we saýlawlara ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar.

Dalaşgärleriň bellige alnan pursadyndan beýläk saýlawlaryň öň ýanynda geçirilýän mejlislerde, ýygnaklarda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmäge deň hukuklary bardyr.

Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, edaralaryň, guramalaryň we kärhanalaryň wezipeli

adamlary saýlawlar bilen baglanyşykly zerur maglumatlary almakda dalaşgärlere ýardam bermäge borçludyrlar.

Merkezi saýlaw toparynyň karary esasynda dalaşgärler saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsüme gatnaşmak üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ortaça iş hakyny saklamak bilen önümçilik ýa-da gulluk wezipelerini ýerine ýetirmekden boşadylyp bilner.

Dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümi alyp barmak üçin öz gulluk ýagdaýyny peýdalanmagyna ýol berilmeýär.

Dalaşgär hödürlemekligiň we bellige almaklygyň düzgünleri Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde giňişleýin beýan edilýär.

## IV. DALAŞGÄRLERIŇ YNANYLAN ADAMLARYNY BELLEMEK WE OLARY BELLIGE ALMAK

Türkmenistanyň Prezidentligine her bir dalaşgäriň her etrapda, etrap hukukly şäherde üçe çenli ynanylan adamy bolup biler. Olar saýlaw möwsümini geçirmekde dalaşgäre kömek berýärler, onuň saýlanmagy ugrunda wagyz işini alyp barýarlar, döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri, saýlawçylar bilen özara gatnaşyklarynda, şeýle hem saýlaw toparlarynda onuň bähbidini araýarlar.

Dalaşgär bellige alnandan soň, ol öz islegine görä ynanylan adamlaryny kesgitleýär we olary bellige almak üçin *(nusgasy 11-nji sahypada)* Merkezi saýlaw toparyna olar hakynda habar berýär. Merkezi saýlaw topary ynanylan adamlar baradaky habary alandan soň, bellenilen düzgünlere laýyklykda olary bellige alýar we şahsyýetnama berýär.

*Nusga*

**Türkmenistanda Saýlawlary
we sala salşyklary geçirmek
baradaky Merkezi topara**

Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda dalaşgär döwrümde meniň ynanylan adamym edip, şu aşakdaky raýatlary bellige almagyňyzy haýyş edýärin.

1.______________________________________________

________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi (käri), ýaşaýan ýeri)

2.______________________________________________

________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi (käri), ýaşaýan ýeri)

3.______________________________________________

________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi (käri), ýaşaýan ýeri)

**Türkmenistanyň
Prezidentligine dalaşgär** __________ ________________

(goly) (ady, familiýasy)

*Nusga*


2017-nji ýylyň
12-nji fewraly

Türkmenistanyň
Prezidentiniň
saýlawlary

ŞAHSYÝETNAMA № ____

Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary
boýunça dalaşgär

______________________

______________________
(dalaşgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady)

YNANYLAN ADAMY

______________________

______________________

*Merkezi saýlaw*
*toparynyň başlygy* ____________
*M.Ý.*
*Şahsyýetnama saýlawlaryň netijeleri resmi taýdan*
*çap edilen gününden güýjüni ýitirýär.*

Berlen senesi: __.__.2016 ý.

Dalaşgärleriň ynanylan adamlary saýlaw möwsümi bilen baglanyşykly işleri alyp baranlarynda, olaryň ýanynda degişli şahsyýetnamasy bolmalydyr.

Dalaşgäriň ynanylan adamy tarapyndan düzgün bozulmalara ýol berlen halatynda, Merkezi saýlaw topary onuň resmi taýdan bellige alynmagyny ýatyryp biler.

Dalaşgär saýlawlara çenli islendik wagt ynanylan adamlaryny çalyşmaga hukuklydyr. Ynanylan adam hem islendik wagt öz ygtyýarlyklaryny tabşyryp biler.

Saýlaw toparynyň agzasy ynanylan adam bolup bilmez.

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň ygtyýarlyklary olaryň bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlaryň jemi jemlenilenden soň tamamlanýar.

## V. DALAŞGÄRLERIŇ YNANYLAN ADAMLARYNYŇ YGTYÝARLYKLARY

**Dalaşgärleriň ynanylan adamlary:**

– syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, raýatlaryň toparlarynyň wekilleri, synçylar, saýlawçylar bilen duşuşmaga;

– saýlawlara taýýarlyk görlüşine we olaryň geçirilişine, Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygynyň berjaý edilişine syn etmäge;

– Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygy, saýlawlara taýýarlyk görlüşi we olaryň geçirilişi barada öz pikirini aýtmaga;

– dalaşgärleriň saýlawçylar bilen duşuşyklarynda bolmaga;

– saýlawçylaryň sanawynyň düzülişine syn etmäge hem-de sanaw bilen tanyşmaga;

– saýlaw toparlarynyň mejlislerinde bolmaga;

– saýlaw gutulary möhürlenilende bolmaga, öňünden ses berlişine, ses berilýän jaýdan daşarda ses berlişine, saýlawlar güni saýlaw uçastogynda ses berlişine syn etmäge;

– saýlaw býulletenleriniň berlişine syn etmäge;

– sesleriň sanalyşynda doldurylan ýa-da doldurylmadyk islendik saýlaw býulletenine, şeýle hem saýlaw topary tarapyndan ses bermegiň jemleri hakyndaky teswirnamanyň we beýleki resminamalaryň düzülişine syn etmäge;

– sesleriň, berlen saýlaw býulletenleriniň, hakyky däl diýlip hasap edilen saýlaw býulletenleriniň, ulanylmaz ýaly edilen saýlaw býulletenleriniň sanalyşyna syn etmäge;

– saýlaw toparlarynyň ses bermegiň jemleri baradaky teswirnamalary we ol teswirnamalara goşulan resminamalar bilen tanyşmaga;

– uçastok saýlaw toparynyň teswirnamasynyň tassyklanylan nusgasyny almaga hukuklydyrlar.

Dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň kanun tarapyndan gadagan edilmedik görnüşlerde we usullarda saýlawçylary saýlawlara işjeň gatnaşmaga ündeýän wagyz işlerini geçirmäge, dalaşgärleriň saýlawlaryň öň ýanyndaky maksatnamalaryny, olaryň syýasy, iş başarjaňlyk, şahsy sypatlaryny öz mejlislerinde, ýygnaklarynda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde erkin we hemme taraplaýyn ara alyp maslahatlaşmaga hukuklary bardyr.

**Dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň:**

– saýlaw býulletenini bermäge;

– saýlawçylaryň ýerine saýlaw býulletenini doldurmaga;

– ses bermegiň gizlinligini bozýan hereketleri etmäge;

– saýlaw býulletenleriniň sanalyşyna gatnaşmaga;

– saýlaw toparlarynyň işine päsgel berýän hereketleri etmäge hukuklary ýokdur.

Dalaşgärlere, olaryň ýakyn garyndaşlaryna, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryna saýlawlaryň bellenilen pursadyndan saýlawçylara bermit bermek: olara pul serişdelerini tölemek, sowgatlary we beýleki maddy gymmatlyklary bermek, harytlary ýeňillikli bahalardan satmak, wagyz häsiýetli çap maglumatlaryndan başga islendik harytlary tölegsiz ýaýratmak, şeýle hem muzdsuz ýa-da ýeňillikli şertlerde haýsydyr bir hyzmatlary etmek gadagandyr. Şeýle-de saýlawlaryň netijeleriniň çap edilen

pursadyna çenli haýyr-sahawat işi bilen meşgullanmaga hukuklary ýokdur.

Dalaşgärleriň ynanylan adamlary öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň, saýlawlary guramak we geçirmek boýunça Merkezi saýlaw toparynyň kararlarynyň düzgünlerini berjaý etmelidirler.

## VI. SAÝLAWLARYŇ MAGLUMAT ÜPJÜNÇILIGI

Saýlawlaryň maglumat üpjünçiligi saýlawçylary habarly etmegi we wagyz işlerini öz içine alýar.

Saýlawçylary habarly etmegi Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, saýlaw toparlary, döwlet häkimiýet, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, ýuridik we fiziki şahslar amala aşyrýarlar.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde ýerleşdirilýän ýa-da beýleki usullar bilen ýaýradylýan habarlaýyn maglumatlaryň mazmuny dogruçyl, hakyky bolmalydyr, dalaşgärleriň deňligini bozmaly däldir, olarda haýsydyr bir dalaşgär ileri tutulmaly däldir.

Saýlawlar geçirilende syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine, Türkmenistanyň raýatlaryna, dalaşgärlere, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryna, teklipçi toparlara Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wagyz işlerini erkin geçirmek üpjün edilýär.

Saýlaw möwsümi döwründe amala aşyrylýan şu işler wagyz işleri hökmünde ykrar edilýär:

1) ol ýa-da beýleki dalaşgäre ses bermäge çagyryşlar;

2) dalaşgäri saýlamagyň mümkin bolan netijelerini beýan etmek;

3) dalaşgärleriň haýsydyr biri barada hakyky maglumatly habarlary ýaýratmak.

Saýlawlar geçirilende wagyz işleri şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilner:

1) köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly;

2) köpçülikleýin çäreleri (saýlawçylar bilen ýygnaklary we duşuşyklary, açyk çekişmeleri we ara alyp maslahatlaşmalary) geçirmek bilen;

3) wagyz maglumatlaryny çykarmak we ýaýratmak bilen;

4) kanun tarapyndan gadagan edilmedik beýleki görnüşlerde.

Dalaşgär köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly wagyz işlerini geçirmegiň görnüşini we häsiýetini özbaşdak kesgitlemäge hukuklydyr.

Wagyz işleri dalaşgäriň bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlaryň geçiriljek gününden bir gün öň bes edilýär.

Dalaşgärleriň döwlet teleradio ýaýlymlarynda tölegsiz tertipde efir wagtynyň berilmegine hukuklary bardyr.

Görkezilen tölegsiz tertipdäki efir wagty dalaşgärleriň arasynda deň şertlerde paýlanylýar.

Dalaşgäriň özüne berlen tölegsiz tertipdäki efir wagtyny beýleki dalaşgärleriň tarapyna wagyz işlerini geçirmek üçin peýdalanmaga hukugy ýokdur.

Teleradio ýaýlymlarynda bilelikde guralýan wagyz işlerine dalaşgärleriň diňe özleri gatnaşyp bilerler. Bilelikde geçirilýän wagyz işlerine gatnaşmakdan ýüz döndermegi dalaşgäre tölegsiz tertipde berilýän efir wagtynyň möçberiniň artmagyna getirmeýär.

Eger-de dalaşgär esasly sebäplere görä bilelikde geçirilýän wagyz işlerine gatnaşyp bilmese, onda bilelikde geçirilýän wagyz işlerine gatnaşmadyk beýleki dalaşgärler bilen bir hatarda özüne degişli efir wagtyny peýdalanmagyny haýyş etmäge hukugy bardyr.

Döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan resmi habarlary we maglumatlary, kadalaşdyryjy hukuk we beýleki namalary çap etmek üçin döredilen döwürleýin metbugat neşirlerinden beýleki neşirler dalaşgärler tarapyndan hödürlenilýän maglumatlar üçin deň şertlerde tölegsiz tertipdäki çap meýdanyny bölüp bermelidir.

Saýlawlaryň maglumat üpjünçiligi baradaky beýleki düzgünler Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň IX bölüminde giňişleýin beýan edilýär.

## VII. SAÝLAWLARYŇ JEMINI KESGITLEMEK WE YGLAN ETMEK

Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda saýlawlaryň jemini welaýat, etrap, şäher, uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalary esasynda, Merkezi saýlaw topary öz mejlisinde kesgitleýär we teswirnama düzýär. Teswirnama Merkezi saýlaw toparynyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Merkezi saýlaw topary saýlawlaryň jemi baradaky habary saýlawlar gününden soň ýedi günden gijä goýman ilatyň dykgatyna ýetirýär.

Saýlawlaryň jemi baradaky habarda saýlawçylaryň sanawlaryna girizilen saýlawçylaryň umumy sany; ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany; her bir dalaşgäriň tarapyna berlen sesleriň sany; hakyky däl diýlip ykrar edilen saýlaw býulletenleriniň sany; Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanylanyň familiýasy, ady, atasynyň ady, işleýän ýeri, wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

ВЫБОРЫ ПРЕЗИДЕНТА
ТУРКМЕНИСТАНА

# ПАМЯТКА

## ДЛЯ ДОВЕРЕННЫХ ЛИЦ КАНДИДАТОВ В ПРЕЗИДЕНТЫ ТУРКМЕНИСТАНА

# ВВЕДЕНИЕ

В эпоху могущества и счастья в результате свободного волеизъявления народа обществу всегда сопутствует процветание, успех, стремительный прогресс. Нация, сплоченная вокруг своего лидера, достигая духовного совершенства, благодаря объединению всех сил, таланта молодого и старшего поколений, а также рабочего и крестьянина, строителя и предпринимателя, представителей интеллигенции, превращается в несокрушимый оплот государства.

Свободное и равноправное выдвижение кандидатов на выборах, осуществление важного политического мероприятия на началах открытости, гласности, свободного проведения агитационных акций, при равных возможностях для всех кандидатов со всей очевидностью свидетельствуют о достижении совершенного уровня национальной демократии в Туркменистане.

В то же время, использование норм Конституции Туркменистана, Избирательного кодекса и других нормативных правовых актов Туркменистана, а также подписанных международных договоров показывает, что проводимые в нашей стране различные выборы, организуются на уровне требований развитого мира.

Это и есть положительные условия, созданные для открытого и свободного волеизъявления представителей всех слоев населения.

В результате этих демократических традиций, туркменское общество достигло новых высот развития и качественного преобразования. А возникшая в нем гармония, привела к появлению многопартийности, глубокому уважению к взглядам различных слоев населения.

В настоящее время Туркменистан, являясь полноправным членом мирового сообщества, поступательно идет вперед путем углубления демократических принципов современного общества. Изо дня в день растут темпы работ, направленных на дальнейшую демократизацию общественно-политической жизни страны, формирование институтов гражданского общества, на внедрение современных методов выборов.

Настоящая Памятка подготовлена в соответствии с Конституцией Туркменистана, Избирательным кодексом Туркменистана и другими нормативными правовыми актами Туркменистана. В Памятке описываются правила проводимых в избирательную кампанию работ доверенными лицами кандидатов в Президенты Туркменистана.

Необходимо, чтобы все доверенные лица кандидатов прочитали настоящую Памятку и знали ее по существу, а также рекомендуем им использовать Памятку в качестве руководства во время осуществления своих полномочий.

# I. ОБЩИЕ ПОЛОЖЕНИЯ

В соответствии с Конституцией Туркменистана и Избирательным кодексом Туркменистана выборы Президента Туркменистана проводятся на основе всеобщего, равного и прямого избирательного права при тайном голосовании на альтернативной основе.

Избирательный процесс осуществляется на началах свободного и равноправного выдвижения кандидатов в Президенты Туркменистана, гласности и открытости, свободы агитации, равных возможностей для всех кандидатов в проведении избирательной кампании.

Законодательство Туркменистана о выборах основывается на Конституцию Туркменистана и состоит из Избирательного кодекса Туркменистана и других нормативных правовых актов Туркменистана.

Если международными договорами Туркменистана установлены иные правила, чем предусмотренные настоящим Законом, то применяются правила международных договоров.

Граждане Туркменистана, достигшие восемнадцати лет, имеют право избирать.

Какие-либо прямые или косвенные ограничения прав граждан Туркменистана избирать, быть избранными и участвовать в референдумах (далее – избирательное право) в зависимости от национальности, расы, пола, происхождения, имущественного и долж-

ностного положения, места проживания, языка, отношения к религии, политических убеждений, партийной принадлежности или отсутствия принадлежности к какой-либо партии запрещаются.

В выборах не участвуют граждане, признанные судом недееспособными, лица, отбывающие наказание в местах лишения свободы. Ограничение избирательных прав граждан в иных случаях не допускается и влечёт ответственность, установленную законодательством Туркменистана.

Каждый избиратель имеет один голос.

Гражданин Туркменистана участвует в выборах свободно и добровольно.

Контроль за волеизъявлением избирателей не допускается.

Голосование в день выборов приводится с 7 до 19 часов.

## II. НАЗНАЧЕНИЕ ВЫБОРОВ

Выборы назначаются Меджлисом Туркменистана не позднее чем за три месяца до истечения срока полномочий Президента Туркменистана.

Постановления о назначении выборов подлежит официальному опубликованию в средствах массовой информации не позднее пяти дней со дня его принятия.

Центральная комиссия по выборам и проведению референдумов в Туркменистане (далее – Центральная избирательная комиссия) не позднее чем за семьдесят дней до дня выборов на своём заседании объявляет о начале избирательной кампании. Эта информация доводится до всеобщего сведения через средства массовой информации.

В соответствии с статьей 17 Избирательного кодекса Туркменистана, проведение выборов Президента Туркменистана организуют следующие избирательные комиссии:

- Центральная избирательная комиссия;
- избирательные комиссии велаятов, городов с правами велаята (далее – избирательные комиссии велаятов);
- избирательные комиссии этрапов и городов с правами этрапа (далее – избирательные комиссии этрапов, городов);
- участковые избирательные комиссии.

## III. ВЫДВИЖЕНИЕ И РЕГИСТРАЦИЯ КАНДИДАТОВ В ПРЕЗИДЕНТЫ ТУРКМЕНИСТАНА

В соответствии с Конституцией Туркменистана и Избирательным кодексом Туркменистана, право выдвижения кандидатов в Президенты Туркменистана принадлежит политическим партиям, а также груп-

пам граждан, зарегистрированным до назначенного дня выборов.

Кандидатом в Президенты Туркменистана может быть выдвинут гражданин Туркменистана, родившийся в Туркменистане, не моложе сорока лет, владеющий государственным языком, в течение предшествующих пятнадцати лет постоянно проживающий и работающий в Туркменистане.

Лицо, имеющее судимость, которая ко времени выдвижения не погашена или не снята, не может быть выдвинуто кандидатом в Президенты Туркменистана.

Выдвижение кандидатов в Президенты Туркменистана начинается за шестьдесят дней и заканчивается за тридцать дней до выборов.

Кандидатов в Президенты Туркменистана регистрирует Центральная избирательная комиссия. Регистрация начинается за пятьдесят дней и завершается за двадцать пять дней до даты выборов.

С момента регистрации кандидатов они имеют равные права для выступления на предвыборных заседаниях, собраниях, в средствах массовой информации.

Органы государственной власти и местного самоуправления, должностные лица учреждений, организаций и предприятий обязаны содействовать кандидатам в получении необходимых сведений, связанных с выборами.

На основании постановления Центральной избирательной комиссии для участия в предвыборной кампании кандидаты, в соответствии с законодательством Туркменистана, могут быть освобождены от выполнения своих производственных и служебных обязанностей с сохранением средней заработной платы.

Не допускается использование кандидатами своего служебного положения для ведения предвыборной кампании.

Положения выдвижения и регистрации кандидатов детально описываются в Избирательном кодексе Туркменистана.

## IV. НАЗНАЧЕНИЕ И РЕГИСТРАЦИЯ ДОВЕРЕННЫХ ЛИЦ КАНДИДАТОВ

Кандидат может иметь до трёх доверенных лиц в каждом этрапе, городе с правами этрапа. Они помогают ему в проведении избирательной кампании, ведут агитацию за его избрание, представляют его интересы во взаимоотношениях с органами государственной власти и местного самоуправления, политическими партиями и общественными объединениями, избирателями, а также в избирательных комиссиях. Кандидат после его регистрации определяет доверенных лиц по своему усмотрению и сообщает о них (образец – на 27 странице) для регистрации в Центральную избирательную комиссию. После регистрации доверенных лиц им выдаются удостоверения.

*Образец*

**В Центральную комиссию по проведению выборов и референдумов в Туркменистане**

Прошу зарегистрировать нижеследующих граждан моими доверенными лицами на период, когда я являюсь кандидатом на выборах в Президенты Туркменистана.

1. ______________________________________________

______________________________________________

(ФИО, занимаемая должность (профессия), местожительство)

2. ______________________________________________

______________________________________________

(ФИО, занимаемая должность (профессия), местожительство)

3. ______________________________________________

______________________________________________

(ФИО, занимаемая должность (профессия), местожительство)

**Кандидат в Президенты Туркменистана** ___________ _______________

(подпись) (имя, фамилия)


12 февраля
2017 года

Выборы
Президента
Туркменистана

УДОСТОВЕРЕНИЕ № ___

ДОВЕРЕННОЕ ЛИЦО
кандидата по выборам
Президента Туркменистана

______________________________
(имя, фамилия, отчество кандидата)

______________________________

______________________________

______________________________

*Председатель Центральной*
*избирательной комиссии* ______________
М.П.

Дата выдачи: __.__.2016 г.

*Удостоверение теряет силу со дня официального объявления результатов выборов.*

Доверенные лица кандидатов при проведении связанных с избирательной кампанией мероприятий при себе должны иметь соответствующее удостоверение.

В случае нарушений, допущенных доверенным лицом кандидата, Центральная избирательная комиссия может аннулировать его официальную регистрацию.

Кандидат вправе заменить доверенных лиц в любое время до выборов. Доверенное лицо также может в любое время сдать свои полномочия.

Член избирательной комиссии не может быть доверенным лицом.

В соответствии с Избирательным кодексом Туркменистана, полномочия доверенных лиц кандидатов начинаются с даты их регистрации и заканчиваются после подведения итогов выборов.

## V. ПОЛНОМОЧИЯ ДОВЕРЕННЫХ ЛИЦ КАНДИДАТОВ

**Доверенные лица кандидатов имеют право:**

- встречаться с представителями политических партий, общественных объединений, групп граждан, с наблюдателями, избирателями;
- наблюдать за подготовкой к выборам и их проведением, соблюдением Избирательного законодательства Туркменистана;
- излагать своё мнение относительно избирательного законодательства Туркменистана, процесса подготовки и проведения выборов;
- присутствовать на встречах кандидатов с избирателями;
- наблюдать за составлением и ознакомиться со списком избирателей;
- присутствовать на заседаниях избирательных комиссий;
- присутствовать при опечатывании урн для голосования, наблюдать за досрочным голосованием, голосованием вне помещения для голосования, голосованием на избирательном участке в день выборов;
- наблюдать за выдачей избирательных бюллетеней;
- знакомиться при подсчёте голосов избирателей с любым заполненным или незаполненным избирательным бюллетенем, а также наблюдать за составлением избирательной комиссией протокола об итогах голосования и иных документов;

- знакомиться с протоколами избирательных комиссий об итогах голосования и документами, приложенными к этим протоколам;

- получить копию утвержденного протокола участковой избирательной комиссии.

Доверенные лица кандидатов имеют право, в не запрещенных законом формах и методах, проводить агитационную работу с призывом к избирателям активно участвовать на выборах, свободно и всесторонне обсуждать предвыборные программы кандидатов, их политические, деловые, личные качества на своих заседаниях, собраниях, в средствах массовой информации.

**Доверенные лица кандидатов не имеют право:**

- выдавать избирательный бюллетень;
- заполнять за избирателей избирательный бюллетень;
- совершать действия, нарушающие тайну голосования;
- принимать участие в подсчете избирательных бюллетеней;
- совершать действия, препятствующие работе избирательных комиссий.

С момента назначения выборов кандидатам, их близким родственникам, доверенным лицам запрещается подкупать избирателей: выплачивать им денежные средства, давать подарки и другие материальные ценности, продавать товары по льготным це-

нам, бесплатно распространять любые товары, кроме печатной информации агитационного характера, а также бесплатно или на льготных условиях оказывать какие-либо услуги. Также, они не имеют право заниматься благотворительной деятельностью до момента опубликования результата выборов.

Доверенные лица кандидатов в своей деятельности должны соблюдать положения Конституции Туркменистана, Избирательного кодекса Туркменистана, других нормативных правовых актов Туркменистана, общепризнанных норм международного право, постановлений Центральной избирательной комиссии по организации и проведению выборов.

## VI. ИНФОРМАЦИОННОЕ ОБЕСПЕЧЕНИЕ ВЫБОРОВ

Информационное обеспечение выборов включает в себя информирование избирателей и предвыборную агитацию.

Информирование избирателей осуществляют избирательные комиссии, органы государственной власти, местного самоуправления, средства массовой информации, юридические и физические лица в соответствии с Избирательным кодексом Туркменистана и другими нормативными правовыми актами Туркменистана.

Содержание информационных материалов, размещаемых в средствах массовой информации или

распространяемых иным способом, должно быть объективным, достоверным, не нарушающим принципа равенства кандидатов, в них недопустимо отдавать предпочтение какому бы то ни было кандидату.

При проведении выборов политическим партиям, общественным объединениям, гражданам Туркменистана, кандидатам, доверенным лицам кандидатов, инициативным группам, государством обеспечивается свободное проведение агитации в соответствии с законодательством Туркменистана. Предвыборной агитацией признаются осуществляемые в период избирательной кампании:

1) призывы голосовать за того или иного кандидата;

2) прогнозирование возможных последствий избрания кандидата;

3) распространение информации, включающей достоверные сведения о каком-либо кандидате.

Агитация при проведении выборов может осуществляться:

1) через средства массовой информации;

2) путем проведения массовых мероприятий (собраний и встреч с избирателями, публичных дебатов и дискуссий);

3) путем выпуска и распространения агитационных материалов;

4) в иных формах, не запрещённых законом.

Кандидат вправе самостоятельно определять форму и характер проведения своей агитации через средства массовой информации.

Предвыборная агитация начинается со дня регистрации кандидата в Президенты Туркменистана и прекращается за одни сутки до дня выборов.

Кандидаты имеют право на предоставление им бесплатного эфирного времени на государственных теле- и радиоканалах.

Указанное бесплатное эфирное время распределяется между кандидатами на равных условиях.

Кандидаты не вправе использовать предоставленное им бесплатное эфирное время для проведения предвыборной агитации за других кандидатов.

В совместных агитационных мероприятиях на теле- и радиоканалах кандидаты могут участвовать только лично. Отказ от участия в совместном агитационном мероприятии не влечёт за собой увеличения объёма бесплатного эфирного времени, предоставляемого кандидату, отказавшемуся от участия в совместном агитационном мероприятии.

Если кандидат по уважительным причинам не смог принять участия в совместном агитационном мероприятии, то он наряду с другими кандидатами, не принявшими участия в совместном агитационном мероприятии, вправе просить использовать причитающееся ему эфирное время.

Периодические печатные издания, за исключением изданий, учреждённых органами государственной власти и местного самоуправления для публикации официальных сообщений и материалов, нормативных правовых и иных актов, должны выделять на равных условиях бесплатные печатные площади для материалов, предоставляемых кандидатами.

Иные положения об информационном обеспечении выборов детально излагаются в IX разделе Избирательного кодекса Туркменистана.

## VII. ОПУБЛИКОВАНИЕ ИТОГОВ ВЫБОРОВ

Центральная избирательная комиссия на основании протоколов избирательных комиссий велаятов, этрапов, городов и участковых избирательных комиссий после выборов на своём заседании подводит итоги выборов Президента Туркменистана и составляет протокол, который подписывают председатель, заместитель председателя, секретарь и члены Центральной избирательной комиссии.

Избранным Президентом Туркменистана считается кандидат, получивший на выборах более половины голосов избирателей, принявших участие в голосовании.

Сообщение об итогах выборов и сведения об избранном Президенте Туркменистана официально публикуются в средствах массовой информации Цен-

тральной избирательной комиссией не позднее чем в семидневный срок после выборов. В сообщении указываются: общее число граждан, включённых в списки избирателей; число избирателей, принявших участие в голосовании; число голосов, поданных за каждого кандидата; число недействительных бюллетеней; фамилия, имя, отчество, место работы, занимаемая должность (род занятий) и место жительства избранного Президента Туркменистана.

## MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5
I. Umumy düzgünler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
II. Saýlawlary bellemek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
III. Türkmenistanyň Prezidentligine dalaşgärleri
hödürlemek we olary bellige almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
IV. Dalaşgärleriň ynanylan adamlaryny bellemek we
olary bellige almak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 10
V. Dalaşgärleriň ynanylan adamlarynyň
ygtyýarlyklary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13
VI. Saýlawlaryň maglumat üpjünçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 15
VII. Saýlawlaryň jemini kesgitlemek we yglan etmek . . . . . . . . . . . . 17

## СОДЕРЖАНИЕ


Введение . . . . . . . . . . 20

I. Общие положения . . . . . . . . . . 22

II. Назначение выборов. . . . . . . . . . 23

III. Выдвижение и регистрация кандидатов в Президенты Туркменистана . . . . . . . . . . 24

IV. Назначение и регистрация доверенных лиц кандидатов. . . . . . . . 26

V. Полномочия доверенных лиц кандидатов . . . . . . . . . . 29

VI. Информационное обеспечение выборов . . . . . . . . . . 31

VII. Опубликование итогов выборов. . . . . . . . . . 34

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTLIGINE DALAŞGÄRLERIŇ YNANYLAN ADAMLARY ÜÇIN ÝATLAMA

# ПАМЯТКА ДЛЯ ДОВЕРЕННЫХ ЛИЦ КАНДИДАТОВ В ПРЕЗИДЕНТЫ ТУРКМЕНИСТАНА


| | |
|---|---|
| Redaktorlar | *B. Orazdurdyýewa,* |
| | *A. Popow* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Welmämmedow* |

Çap etmäge rugsat edildi 15.12.2016. Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 2,33. Şertli reňkli ottiski 9,55.
Hasap-neşir listi 0,97. Çap listi 2,5.
Sany 2000. Sargyt 2994.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.

